TÜRKMENISTANYŇ FUTBOL FEDERASIÝASYNYŇ SAÝLAW KODEKSI

Aşgabat 2024 ý.

MAZMUNY

Madda		Sahypa
KESGITLEME		3
	I. UMUMY DÜZGÜNLER	**4**
1	Ulanyş çägi	4
2	Ýörelgeleri we borçlary	4
	II. SAÝLAW KOMITETI	**5**
3	Esasy ýörelgeleri	5
4	Düzümi	5
5	Saýlaw komitetiniň borçlary	6
6	Ýygnaklar, kworum we kararlar	7
	III. DALAŞGÄRLER	**8**
7	Laýyklyk ölçegleri	8
8	Ýerine ýetiriji komitet üçin dalaşgärler barada maglumaty tabşyrmak we olary synagdan geçirmek	9
9	Ýerine ýetiriji komitetine dalaşgärler üçin şikaýat etmek tertibi	9
10	TFF-nyň beýleki guramalaryna dalaşgärler üçin tertip	9
11	Dalaşgärleriň resmi sanawy	10
	IV. SES BERIŞ TERTIBI	**11**
12	Saýlaw býulletenleri	11
13	Saýlaw gutusy	11
14	Ses bermek üçin býulletenleri sanamak	11
	V. SANAMAK	**12**
15	Umumy düzgünler	12
16	Güýçsiz saýlaw býulletenleri	12
17	Orfografiki ýalňyşlyklar	12
18	Netijeleri sanamak we beýan etmek	12
	VI. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER	**14**
19	Resminamalary arhiwlemek we gizlinlik	14
21	Göz öňünde tutulmadyk meseleler	14
22	Durmuşa geçirilmek	14

KESGITLEMELER

Mümkin boldugyça, şu Saýlaw kodeksinde ulanylýan adalgalar, TFF-yň Tertipnamasynyň kesgitlemeler bölüminde kesgitlenen adalgalara degişlidir.

I. UMUMY DÜZGÜNLER

1-nji madda Ulanyş çägi

1 Şu Saýlaw kodeksi, TFF-yň Tertipnamasynda kesgitlenişi ýaly Ýerine ýetiriji komitetiň we garaşsyz komitetleriň agzalarynyň saýlawlaryna degişlidir.

2 Bu Saýlaw kodeksi, TFF-nyň Agzalarynyň degişli guramalarynyň agzalarynyň saýlawlaryna hem degişlidir, eger-de olaryň tertipnamalarynda ýörite göz öňünde tutulan ýagdaýynda. TFF-yň Agzalarynyň tertipnamalarynda şu Saýlaw kodeksiniň ulanylyşynyň takyk çäkleri kesgitlenmelidir, esasan hem TFF-yň Saýlaw komiteti degişli saýlaw işlerine gözegçilik eden ýagdaýynda.

2-nji madda Ýörelgeleri we borçlary

1 Tutuş saýlaw prosesinde häkimiýetleriň bölünmegi, garaşsyzlyk, aç-açanlyk, bähbitleriň gapma-garşylyklaryndan gaça durmak ýaly umumy dolandyryş ýörelgelerine berjaý edilmelidir.

2 Saýlaw prosesinde üçünji taraplaryň hiç bir bikanun täsirine ýol berilmeli däldir. TFF saýlaw prosesinde şeýle täsir barada Futbol Assosiasiýalarynyň Halkara Federasiýasyna (FIFA) we Aziýa Futbol Konfederasiýasyna (AFK) gaýrygoýulmasyz habar bermelidir.

3 TFF tarapyndan islendik saýlaw düzgünleriniň we onuň guramalarynyň görkezmeleriniň şu Saýlaw kodeksiniň, TFF-yň Tertipnamasynyň, şeýle hem FIFA-nyň Tertipnamasynyň, düzgünnamalarynyň, görkezmeleriniň we kararlarynyň laýyk gelmegi üpjün edilmelidir.

4 TFF tarapyndan degişli saýlawlaryň geçiriljek gününden azyndan otuz (30) gün öň FIFA we AFK-a saýlawlaryň häsiýeti barada habar berilmelidir (ýagny saýlanjak agzalaryň sany, mandatlaryň dowamlylygy, saýlawlaryň sebäbi we ş.m.) we FIFA we AFK-a hakyky Saýlaw kodeksiniň göçürmesi we zerur bolan ýagdaýynda beýleki saýlaw düzgünleri we görkezmeleri üpjün edilmelidir.

5 TFF-nyň Tertipnamasynda we düzgünnamalarynda başgaça bellenilmedik bolsa, TFF-nyň degişli guramalarynyň agzalary saýlaw prosesi gutarýança öz wezipeleriniň ýerine ýetirilmegini dowam etmelidirler.

II. SAÝLAW KOMITETI

3-nji madda Esasy ýörelgeleri

1 Saýlaw komiteti, TFF Tertipnamasynyň we şu Saýlaw kodeksiniň degişli düzgünlerine laýyklykda saýlaw işine gözegçilik astynda saklamalydyr.

2 Saýlaw komitetiniň agzalary TFF-nyň başga bir guramasynyň agzalary bolup bilmezler we haýsydyr bir döwlet edarasynda hiç hili ýerine ýetiriji wezipäni eýeläp bilmezler. Saýlaw komitetiniň agzalary, ygtyýarlyklarynyň (mandatyň) döwri dowam edýän möhletinde, TFF-da dolduryljak wezipeleriň haýsydyr birine dalaşgär bolup bilmezler.

3 Saýlaw komitetiniň agzalary dowam edip duran meseleden haýal etmän çekilmelidirler we haýsydyr bir karar bermekden saklanmalydyrlar, eger-de:
a) olar haýsydyr bir wezipä dalaş edýän dalaşgärleriň ýakyn maşgala agzasy bolup duran ýagdaýynda;
b) TFF-nyň Düzgün-tertip we ahlak kodeksinde kesgitlenişi ýaly bähbitleriň gapma-garşylygy howpy ýa-da ähtimallygy bolan ýagdaýynda.

4 Eger-de Saýlaw komitetiniň agzasy ýokardaky talaplaryň haýsydyr birini ýerine ýetirmeýän ýagdaýynda we/ýa-da haýsydyr bir sebäbe görä Saýlaw komitetiniň agzasy wezipesinden çekilmeli bolan ýagdaýynda, şu Saýlaw kodeksiniň 4-nji maddasynyň 3-nji bendiniň düzgünlerine laýyklykda agza çalşylmalydyr.

5 Saýlaw komitetiniň agzalary hemişe ak ýürekden hereket etmeli we borçlaryny ýerine ýetirenlerinde tarap çalmazlyga berjaý etmelidirler.

4-nji madda Düzümi

1 Saýlaw komiteti aşakdakylardan ybarat:

a) başlyk;

b) başlygynyň orunbasary;

ç) üç (3) sany adaty agzalar.

2 Çalşyryjylaryň degişli sany hem Konferensiýa tarapyndan bellenilmelidir

3 Saýlaw komitetiniň başlygy ýok bolan ýagdaýynda ýa-da elýeter däl bolan ýagdaýynda, Saýlaw komitetiniň başlygynyň orunbasary onuň wezipesini ýerine ýetirmelidir, başlygynyň orunbasary hem ýok bolan ýagdaýynda ýa-da elýeter däl bolan ýagdaýynda, adaty agzasy wezipäni ýerine ýetirmelidir. Saýlaw komitetiniň islendik adaty agzasy ýok bolan ýagdaýynda ýa-da elýeter däl bolan ýagdaýynda, onuň orny çalşyryjy bilen çalşylmalydyr.

4 Saýlaw komitetiniň başlygy maddy-tehniki we administratiw meselelere degişli bolan işe jogapkär edip Saýlaw komitetiniň agzalarynyň birini kätip hökmünde bellemelidir. Kätip öz borçlaryny ýerine ýetirende baş sekretariatdan kömek sorap biler.

5 Saýlaw komitetiniň başlygy kanuny ulanmagyna degişli iş bilen meşgullanmaga ukyply bolmalydyr.

5-nji madda Saýlaw komitetiniň borçlary

Saýlaw komiteti, Konferensiýa döwründe geçiriljek saýlawlary guramak, dolandyrmak we gözegçilik bilen baglanyşykly ähli meselelere jogapkär bolmalydyr. Hususan-da, Saýlaw komiteti aşakdakylar üçin jogapkärdir:

a) TFF-nyň Tertipnamasyny we düzgünnamalaryny, şeýle hem şu Saýlaw kodeksini berk ýerine ýetirmek;

b) TFF-nyň guramalarynyň islendik ulanylýan saýlaw düzgünleri ýa-da görkezmeleri şu Saýlaw kodeksine we TFFn-yň Tertipnamasyna, şeýle hem FIFA-nyň Tertipnamasyna, düzgünnamalaryna, görkezmelerine we kararlaryna laýyk gelmegini üpjün etmek;

ç) saýlawlar üçin bellenilen möhletleri berk ýerine ýetirmek;

d) Agzalara, şeýle hem degişli hökümet edaralaryna (zerur bolan ýagdaýynda, ýagny milli kanunçylygynda aç-açan göz öňünde tutulanda), köpçülikleýin habar beriş serişdelerine we jemgyýetçilige, esasan hem habar beriş konferensiýa geçirmek arkaly (zerur bolan ýagdaýynda) maglumat bermek;

e) zerur bolan halatynda degişli hökümet edaralary bilen gatnaşyklary dolandyrmak;

ä) dalaşgärliginiň prosesi (işe girizmek, maglumat paýlamak, baha bermek, resmi sanawyň neşir edilmegi we ş.m.);

f) baş sekretariatyň kömegi bilen TFF-nyň kanuny düzgünlerine laýyklykda saýlawçylaryň (delegatlaryň) sanawyny düzmek;

g) saýlawçylaryň (delegatlaryň) şahsyýetini we olaryň wekilçilik ygtyýarlyklaryny barlamak;

h) saýlaw we ses beriş tertibine gözegçilik etmek, şol sanda saýlaw býulletenleriniň dogrulygy ýa-da hakyky däldigi barada kararlary kabul etmek, saýlama Konferensiýa döwründe saýlaw tertibi bilen baglanyşykly islendik meselede takyk karar bermek we resmi netijeleri tassyklamak;

i) TFF-nyň Tertipnamasynda beýan edilen saýlaw ölçegleriniň, garaşsyzlygyň we akýürekliliginiň talaplarynyň ýerine ýetirilişine barlaglary geçirmek;

j) saýlaw prosesiniň bökdençsiz gitmegini üpjün etmek üçin islendik we beýleki tabşyryklar.

6-njy madda Ýygnaklar, kworum we kararlar

1 Saýlaw komitetiniň başlygy Saýlaw komitetiniň ýygnaklaryny çagyrmalydyr. Diňe degişlilikde çagyrylan Saýlaw komiteti, kararlary ara alyp maslahatlaşmaga we kabul etmäge hukugy bardyr.

2 Saýlaw komitetiniň agzalarynyň aglaba köplügi (50%-den köp) bolmadyk ýagdaýynda, ara alyp maslahatlaşmalara gatnaşmaly däldirler.

3 Saýlaw komiteti degişlilikde berlen sesleriň köplügi (50%-den köp) bilen karar kabul edip biler. Ses bermekden saklanmak, şeýle hem ynanç haty ýa-da hat arkaly ses bermek gadagandyr. Berlen sesleriň sany deň bolan halatynda, çözüji ses Saýlaw komitetiniň başlygyna degişli bolup duryandyr.

4 Kabul edilen kararlara Saýlaw komitetiniň başlygy we kätibi tarapyndan gol çekilen teswirnamalara ýazylmalydyr.

III. DALAŞGÄRLER

7-nji madda Laýyklyk ölçegleri

1 TFF-nyň degişli guramalarynda dolduryljak wezipelere laýyklyk ölçegleri TFF-nyň Tertipnamasynyň degişli düzgünlerinde kesgitlenendir.

2 Saýlaw komiteti TFF-nyň Tertipnamasynda göz öňünde tutulmadyk laýyklyk ölçeglerini girizmeli däldir ýa-da şu Saýlaw kodeksinde ýa-da TFF-nyň Tertipnamasynda göz öňünde tutulmadyk beýleki resmi talaplaryny girizmeli däldir. Saýlaw komiteti diňe degişli laýyklyk ölçegleriniň ýerine ýetirilendigini ýa-da ýokdugyny anyklamaga kömek edýän resminamalary soramalydyr.

3 Saýlaw komiteti laýyklyk ölçegleriniň doly sanawyny (TFF-nyň Tertipnamasynyň degişli düzgünlerine salgylanyp), şeýle hem TFF-nyň Tertipnamasynda göz öňünde tutulan möhletlerde wezipeleriň her biri üçin berilmeli resminamalary çap etmelidir.

8-nji madda Ýerine ýetiriji komitet üçin dalaşgärler barada maglumaty tabşyrmak we olary synagdan geçirmek

1 Konferensiýa tarapyndan deslapdan tassyklanmadyk bolsa, saýlaw prosedurasynyň hiç bir tapgyrynda dalaşgärleriň hiç birinden hiç hili ýygym ýa-da töleg talap edilmeli däldir. Islendik ýagdaýda ylalaşylan islendik ýygymlar ýa-da tölegler esaslandyrylan bolmalydyr we diňe degişli administratiw çykdajylaryny ýapmaga gönükdirilen bolmalaydyr.

2 Ýerine yetiriji komitetiniň islendik wezipesine bolan dalaşgärler barada maglumat degişli saýlaw Konferensiýadan azyndan 30 gün öň Baş sekretariata sargyt boýunça poçta arkaly, elektron poçta arkaly gowşurylandygy barada habarnamany almak bilen ugradylmalydyr ýa-da alnandygy barada tassyknamanyň ýerine bermek bilen el bilen tabşyrmalydyr. Baş sekretariat tarapyndan alnan dalaşgärler baradaky maglumat gaýra goýulman TFF-nyň Tertipnamasynyň A Goşundysyna laýyklykda geçiriljek degişli akýüreklilik barlaglary üçin Saýlaw komitetiniň kätibine şeýle hem Gözegçilik we laýyklyk komitetine ugradylmalydyr.

3 Dalaşgärlige tabşyrmagyň ahyrky möhletinden üç (3) gününiň dowamynda Saýlaw komiteti ähli degişli resminamalaryny doly tabşyrmadyk dalaşgärlere ýazmaça görnüşünde habar bermelidir we olary dolulygyna tabşyrmak üçin ýene bäş (5) goşmaça gün goşmalydyr. Eger-de degişli dalaşgärler resminamalary bellenilen möhletde tabşyrmagy başaryp bilmedik ýagdaýynda, olaryň dalaşgärligi hakyky däl diýlip yglan edilmelidir. Bu bent Ýerine ýetiriji komitete dogry we dolulygyna dalaşgärlige tabşyrmagyň ahyrky möhletiniň dowamynda tabşyrylmaly bolan TFF-nyň Tertipnamasynyň 31-nji maddasynyň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan goldaw sözlerine degişli däldir.

4 Ýerine ýetiriji komitetine dalaşgärlik baradaky maglumatlary, dalaşgärlige tabşyrmagyň ahyrky möhletinden on (10) güniň dowamynda Saýlaw komiteti tarapyndan synagdan geçirilmelidirler we şol döwüriň çäklerinde Saýlaw komitetiniň kabul edilen karary barada dalaşgärlere habar berilmelidir.

9-njy madda Ýerine ýetiriji komitetine dalaşgärler üçin şikaýat etmek tertibi

1 Saýlaw komitetiniň kararlaryna garşy edilen şikaýatlar diňe Saýlaw şikaýat komitetine edip bilner, bu hem agzalan şikaýatlary başga edaralara, hususan-da hökümet edaralaryna şikaýat etmek mümkinçiligini aradan aýyrýar.

2 Degişlilikde esaslanandyrylan islendik şikaýat, Saýlaw komitetiniň karary alynandan soň üç (3) günüň dowamynda sargyt boýunça poçta arkaly Baş sekretariata ugradylmalydyr ýa-da alnandygy barada tassyknamanyň ýerine bermek bilen Baş sekretariata tabşyrmalydyr. Baş sekretariat tarapyndan alnan şikaýatlar gaýra goýulman Saýlaw şikaýat komitetiniň agzalaryna ugradylmalydyr.

3 Şikaýatlar Saýlaw şikaýat komiteti tarapyndan alnandan soň bäş (5) dowamynda seredilmelidir we şol döwüriň içinde dalaşgärlere habar berilmelidir.

4 Şikaýatlar Saýlaw şikaýat komiteti tarapyndan ýa-da tassyklanmalydyr, ýa-da olar ret edilmelidir ýa-da kabul ederliksiz diýlip yglan edilmelidir. Şikaýat kanagatlandyrylan ýagdaýynda, Saýlaw şikaýat komiteti Saýlaw komitetiniň kararynyň ýerini tutýan düýp manysy boýunça karar kabul etmelidir.

5 Saýlaw şikaýat komiteti başlykdan we Konferensiýa tarapyndan bellenen iki sany adaty agzadan ybarat bolmalydyr. Saýlaw şikaýat komitetiniň agzalary bilen bir wagtda Konferensiýa iki sany çalşyryjy hem bellenilmelidir. Başlyk kanuny ulanmagyna degişli iş bilen meşgullanmaga ukyply bolmalydyr.

6 Saýlaw şikaýat komitetiniň kararlary diňe TFF-nyň Tertipnamasyna laýyklykda arbitraž (araçy) tribunalyna ugradylyp bilner.

10-njy madda TFF-nyň beýleki guramalaryna dalaşgärler üçin tertip

1 TFF-yň beýleki guramalarynyň wezipelerine (Gözegçilik we laýyklyk komiteti, Saýlaw komitetleri we TFF-nyň jedelleri baradaky guramalary) dalaş edýänleriň sanawy Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan degişli saýlama Konferensiýadan azyndan otuz (30) gün öň Baş sekretariata iberilmelidir. Baş sekretariat tarapyndan alnan dalaşgärleriň sanawy tiz wagtda Saýlaw komitetine we akýürekliligi barlamak üçin degişli edara iberilmelidir.

2 Dalaşgärleriň sanawyny alanyndan soňra 10 günüň dowamynda Saýlaw komiteti degişli wezipelere resmi talaplaryň ýerine ýetirilendigini ýa-da ýokdugyny Baş sekretariata tassyklamalydyr. Bir ýa-da birnäçe dalaşgärler tassyklanyp bilinmedik

ýagdaýynda, Ýerine ýetiriji komitet degişli wezipelere goşmaça dalaşgärleri teklip etmelidir.

11-nji madda Dalaşgärleriň resmi sanawy

Dalaşgärleriň resmi sanawy TFF-nyň web sahypasynda we metbugatda yglan edilmelidir we zerur bolan ýagdaýynda (ýagny milli kanunçylyga laýyklykda aç-açan göz öňünde tutulan ýagdaýynda) degişli hökümet edaralaryna maglumat üçin ibermelidir.

IV. SES BERIŞ TERTIBI

12-nji madda Saýlaw býulletenleri

1 Baş sekretariat saýlaw býulletenlerini Saýlaw komitetiniň gözegçiligi astynda taýýarlamalydyr. Saýlaw býulletenleri anyk we düşnükli çap edilmelidir.

2 Saýlaw býulletenleri saýlawyň her tapgyry üçin dürli reňkde bolmalydyr.

13-nji madda Saýlaw gutusy

1 Ses beriş işi başlamazdan öň saýlaw gutusy – mümkin boldugyça aç-açan bolmalydyr – açylmalydyr we Konferensiýanyň wekillerine hödürlenmelidir. Saýlaw gutusy soň ýapylyp, Saýlaw komitetiniň agzalaryna ýakyn bolan ýerde görüner ýaly edip goýulmalydyr.

2 Ses berişligiň barşynda saýlaw gutusyna Saýlaw komitetiniň agzalarynyň biri gözegçilik etmeledir.

14-nji madda Ses bermek üçin býulletenleri sanamak

1 Wekillerden ses bermeklerini haýyş etmezden öň, Saýlaw komitetiniň başlygy saýlaw tertibini (saýlaw gutusy, saýlaw býulletenleri, dogry we nädogry saýlaw býulletenleri, sanamak, zerur köplükler, netijeler we ş.m.) jikme-jik düşündirilmelidir we degişli kanuny düzgünlerine salgylanmalydyr.

2 Ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryny we TFF-nyň beýleki guramalarynyň agzalaryny saýlamak aşakdaky ýaly geçiriler:

a) Saýlaw komitetiniň başlygy öz gezeginde gatnaşýan we ses bermäge hukugy bolan Agzalaryň her bir wekilini saýlawyň geçirilýän Konferensiýa zalynyň öňüne geçmek üçin çagyrmalydyr;

b) Çagyrylandan soň, degişli wekil Konferensiýa zalynyň öňüne geçmelidir we saýlaw býulletenini alandygy barada gol çekip, saýlaw býulletenini almalydyr;

ç) Soňra wekil saýlaw býulletenini ýörite niýetlenen saýlaw otagynda doldurmalydyr. Saýlaw otagy görünýän ýerde ýerleşdirilmelidir, ýöne şonda-da wekile gizlin ses bermäge rugsat berilmelidir. Saýlaw otagynda jübi telefonlaryna, kameralara ýa-da başga ýazgy enjamlaryna rugsat berilmeli däldir;

d) Soňra wekil saýlaw býulletenini saýlaw gutusyna salmalydyr we saýlaw sanawyna gol çekip, öz oturan ýerine gaýtmalydyr.

3 Sanamak tertibi, wekilleriň hemmesi saýlaw býulletenini saýlaw gutusyna salan badyna başlamalydyr. Saýlaw komitetiniň agzasy saýlaw gutusyny açmalydyr we saýlaw býulletenlerini ähli wekilleriň öňünde görkezmelidir.

4 Soňra sanaw başlamalydyr.

V. SANAMAK

15-nji madda Umumy düzgünler

1 Saýlaw býulletenleriniň sanamagyna diňe Saýlaw komitetiniň agzalary gatnaşmalydyr. Ähli amallar (saýlaw gutusyny açmak, saýlaw býulletenlerini sanamak, sesleri sanamak we ş.m.) Konferensiýanyň ähli wekilleri tarapyndan takyk berjaý edilip bilinjek görnüşde amala aşyrylmalydyr.

2 Saýlaw býulleteniniň ýa-da ses berişliginiň dogrulygy ýa-da nädogrylygy, teswirnamanyň taýýarlanmagy, netijeleriň yglan edilmegi ýa-da sanamak tertibine degişli başga mesele bilen baglanyşykly jedel ýüze çykan halatynda Saýlaw komitetiniň karary gutarnykly bolmalydyr.

16-njy madda Güýçsiz saýlaw býulletenleri

1 Aşakdaky saýlaw býulletenleri güýçsiz hasaplanýar:

a) Saýlaw komiteti tarapyndan kesgitlenen resmi tapawutly bellikleri bolmadyk saýlaw býulletenleri;

b) dalaşgärleriň atlaryndan başga sözleri öz içine alýan saýlaw býulletenleri;

ç) okap bolmaýan ýa-da ýüze zaýalanan saýlaw býulletenleri;

d) kesgitleýji bellikleri bolan saýlaw býulletenleri.

2 Saýlaw komitetiniň başlygy islendik güýçsiz saýlaw býulleteniň arka tarapyna sebäbini (sebäplerini) ýazmalydyr we gol bilen tassyklamalydyr.

17-nji madda Orfografiki ýalňyşlyklar

Orfografiki ýalňyşlyklar, diňe resmi dalaşgärleriň haýsydyr birini anyk kesgitlemek mümkin däldigini aňladýan bolsa, sesleriň nädogry bolmagyna getirer.

18-nji madda Netijeleri sanamak we beýan etmek

1 Saýlaw gutusy açylanyndan soň, Saýlaw komitetiniň agzalary saýlaw býulletenleriniň sanyny sanap, olaryň dogrudygyny barlamalydyr. Saýlaw býulletenleriniň sany berlen saýlaw býulletenleriniň sanyna deň bolsa ýa-da az bolsa, ses berişligi dogry diýip hasap edilýär. Eger-de saýlaw býulletenleri berlen saýlaw býulletenleriniň sanyndan köp bolsa, ses berişligi güýçsiz diyip yglan edilmelidir we ýokarda görkezilen tertibe laýyklykda ses berişligi tiz wagtyň içinde gaýtadan ýola goýulmalydyr.

2 Saýlaw býulletenleriniň sany barlanandan soň, Saýlaw komitetiniň agzalary her dalaşgär üçin berlen sesleriň sanyny sanamaga başlamalydyrlar.

3 Ses berişliginiň ikinji (ýa-da ondan soňky) tapgyry zerur bolsa, ses bermek tertibi ýokardaky maddalara laýyklykda gaýtalanmalydyr. Şeýle hem, Agzalara ikinji (we ondan soňky) ses berişlige (meselem, köplüge zerur bolan islendik üýtgetme, dalaşgärleri aýyrmak we ş.m.) ulanylýan kanuny düzgünler barada habar berilmelidir.

4 Saýlawyň her tapgyryndan soň Saýlaw komitetiniň başlygy netijeleri Agzalara resmi taýdan yglan etmelidir.

5 Baş sekretar ýygnalan we sanalan saýlaw býulletenlerini ýörite niýetlenen bukjalara salyp goýmalydyr. Soňra bukjalara Saýlaw komitetiniň başlygy gol çekmelidir we möhürlemelidir. Baş sekretariat bu bukjalary saklamalydyr we Konferensiýadan 100 gün soň ýok etmelidir.

V. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

19-njy madda Resminamalary arhiwlemek we gizlinlik

1 Saýlaw komiteti we Saýlaw şikaýat komiteti ähli resminamalary, şeýle hem saýlaw döwründe olara berlen ähli resminamalary Baş sekretariata tabşyrmalydyr we ol bulary arhiwlemek üçin jogapkär bolmalydyr.

2 Saýlaw komitetiniň we Saýlaw şikaýat komitetiniň agzalary, saýlaw döwründe olar üçin elýeterli edilen bar bolan maglumatlary we resminamalary barada doly gizlinligi saklamalydyrlar. Şeýle borç, degişli saýlawdan soň näbelli möhletde galmalydyr. Mundan başga-da, saýlaw döwründe olara berlen resminamalary (elektron ýa-da başga görnüşde) saklamaly däldirler.

20-nji madda Göz öňünde tutulmadyk meseleler

1 Şu Saýlaw kodeksinde ýa-da TFF-nyň Tertipnamasynda we düzgünnamalarynda göz öňünde tutulmadyk saýlaw Konferensiýanyň administratiw we tehniki guramasy bilen baglanyşykly ähli meseleler Saýlaw komiteti tarapyndan dolandyrylmalydyr we onuň karary gutarnykly bolmalydyr.

2 Şu Saýlaw kodeksinde ýa-da TFF-nyň Tertipnamasynda we düzgünnamalarynda göz öňünde tutulmadyk Saýlawlaryň geçirilişine degişli bolan ähli meseleler Saýlaw komiteti tarapyndan dolandyrylmalydyr we onuň karary gutarnykly bolmalydyr.

21-nji madda Durmuşa geçirilmek

Şu Saýlaw Kodeksi, 2024-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda Aşgabat şäherinde Konferensiýa tarapyndan kabul edildi we 2024-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda güýje girýär.

Aşgabat ş., 2024-nji ýylyň 30-njy sentýabry

Türkmenistanyň Futbol federasiýasy adyndan

Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň Başlygynyň w.w.ýe.ýe. **R.Garajaýew**

Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň Baş sekretarynyň w.w.ýe.ýe. **M.Seýitgulyýew**